# Ene-ata ýagşylyk etmek .

Rahman we Rahym bolan Allahyñ ady bilen. Ähli hamdlar Allah tagalaga mahsusdyr. Salawat we salam Pygamberimiz Muhammede, ähli beýtine, sahabalaryna we kyýamat gününe çenli onuñ ýoluna boýun boljaklara bolsun.

Yslam dininiñ bize ünnän iñ möhüm buýruklaryndan biri hem ene-ata ýagşylyk etmekdir, olara garşy özüñi gowy alyp barmakdyr. Hakyky musulmanyñ hem edebinde bolmaly iñ uly waspy ene-atasyna wepaly bolmagydyr. Kuran we Sünnetde geçen ençeme buýruklarda Allaha imandan we ybadatdan soñra ena-ata ýagşylyk etmekligi, olara garşy özüñi gowy alyp barmaklygy buýrulandyr. Kuran-Kerimde: **“Allaha ybadat ediñ, oña hiç bir zady şärik (arajy) goşmañ. Ene-ata ýagşylyk ediñ” (Nisa,36)** diýilýär. Ene-ata nähili ýagşylyk etmelidiginiñ edebini, Kuran-Kerimde Allah tagala bize beýan edendir: **“Robbiñiz diñe onuñ özüne ybadat etmegiñizi we ene-atañyza ýagşylyk etmegiñizi emr etdi. Eger olaryñ biri ýada ikiside seniñ gol astyñda garrylyk ýaşyna ýetseler, olara “uf” diýme, olara igenme we olara yagşy söz sözle. Olaryñ öñünde mähribanlyk we ylalaşyk ganatlaryñy pes tut we: Robbim olar meni çagalygymdan ösdürişleri ýaly sen hem olara rahmet et, diýip (olara doga et)” .(Isra,23-24)** Musulman kişi üçin kyýamata çenli ebedi buýruk: **“Robbiñiz diñe onuñ özüne ybadat etmegiñizi we ene-atañyza ýagşylyk etmegiñizi emr etdi” .** Aýatda Allah tagala ybadat bilen ene-ata ýagşylygy bir hatarda buýurdy, bu bolsa ene-ata ýagşylyk etmegiñ Allah tagalaga ybadatdan soñ iñ möhüm zatdygyny görkezýär. Ýenede aýatda **“Eger olaryñ biri ýada ikiside seniñ gol astyñda garrylyk ýaşyna ýetseler, olara “uf” diýme, olara igenme we olara yagşy söz sözle ”** diýmek bilen, olara ýakymsyz sözler bilen ýüzlenmekligi Allah tagala gadagan edýär we olara hormatly, ýagşy mylaýym sözler bilen ýüzlenmekligimizi emr edýär. Aýatyñ soñunda ene-atamyza garşy mähriban bolmaklygy we olara doga-dileg etmegimiz ündelýär: “**Olaryñ öñünde mähribanlyk we ylalaşyk ganatlaryñy pes tut we: Robbim olar meni çagalygymdan ösdürişleri ýaly sen hem olara rahmet et, diýip (olara doga et)”.** Şonuñ üçin Kuran terbiýesi bilen ýetişen hakyky musulman hemişe ene-atasyna ýagşylyk edenleriñ iñ gowusy bolmalydyr. Biziñ selef-salyhymyz sahabalar, tabygynlar bu meselede bize nusgadyrlar. Bir adam Said bin Musaýýabyñ(rahimahullah) ýanyna gelip: **“ene-ata ýagşylyk etmek baradaky aýatlaryñ hemmesine düşündim diñe: “olara yagşy söz sözle” diýen ýerine düşünmedim? ”** diýende. Said(rahimehullah): **“Bir gul öz hojaýynyna nähili ýüzlenýän bolsa, sen hem ene-atañа şeýle ýüzlen”** diýip, jogap berýär. Ibn Sirin (rahimahullah) ejesine bolan sylagy sebäpli, onuñ bilen gepleşende göýä hasta ýaly ýuwaş ses bilen gepleşer eken. Başgada ençeme aýatda Allah tagala bize ene-atamyza ýagşylyk etmegimizi nygtap geçýär:

“**Allaha ybadat ediñ, oña hiç bir zady şärik(arajy) goşmañ. Ene-ata ýagşylyk ediñ”. (Nisa,36)**

“**Biz ynsana ene-atasyna ýagşylyk etmegi buýrduk”. (Ankebut,8)**

“**Biz ynsana ene-atasyna ýagşylyk etmegini nesihat etdik. Enesi ony ejizlik üstüne, ejizlik bilen göwresinde göterdi”. (Lukman,14)**

Abdullah ibn Mesudyñ (radiallahu anh) şeýle diýenligi rowaýat edilýär:

“**Resulullaha (sallallahu aleýhi we sellem): Allah gatynda iñ söýgüli amal haýsy? diýip soradym. Pygamberimiz:**

**Wagtynda kylynan namaz, diýip aýtdy.**

**Soñra haýsy? diýdim.**

**Ene-ata ýagşylyk etmek, diýdi.**

**Soñra haýsy? diýdim.**

**Allah ýolunda jihat etmek, diýdi”. (Buhari, Müslim)**

Pygamberimiz(sallallahu aleýhi we sellem) ene-ata ýagşylyk etmegi, yslamda iñ beýik iki zadyñ arasyndaky mertebede goýandyr. Wagtynda kylynan namaz we Allah ýolunda jihat. Namaz diniñ sütünidir, jihat yslamyñ iñ üstün mertebesidir. Diñe şonuñ özi hem yslamda ene-atañ ornunyñ näderejede beýikdigini görkezmäge ýeterli delildir.

Sahabadan Sad bin Ebu Wakkas (radiallahu anh) musulman bolanda ejesi oña garşy çykyp:

“**Ýa yslamdan dänersiñ, ya men ölýänçäm aç oturaryn, şeýdip sen araplaryñ (tiredeşleriñ) gazabyna galarsyñ we saña ejesini öldürdi diýerler diýende, Sad (radiallahu anh) ejesine şeýle jogap berýär:**

**Wallahi, eger señ ýüz janyñ bolsa, we olar yzly-yzyna çyksada men yslamdan dänmerin”** diýýär. Ejesi iki gün aç oturdy, üçülenji güni çydaman iýip-içmäge başlady. Bu wakadan soñra Allah tagala Sadyñ(radiallahu anh) ejesine beren

jogabyny ýazgaryp şu aýaty indirdi: **“Eger ene-atañ bilmeýän zatlaryñy maña şärik(arajy) goşmagyñ üçin zorlasalar olara boýun bolma, dünýewi işlerde olara garşy ýagşy-mylakatly bol”. (Lukman,15)**

Hatda eneñ-atañ gaýry dinden, kapyr, müşrük bolan ýagdaýynda-da yslam dini olara garşy ýagşy-mylakatly bolmagy ündeýär. Esma binti Ebu Bekr (radiallahu anha) şeýle diýýär: **Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) döwründe ejem müşrükdi we menden bir zatlar soramana geldi. Haçanda Pygamberimizden: Ejem menden bir zatlar soramana geldi onuñ bilen görüşeýinmi? diýip, fetwa soramda. Pygamberimiz: Howwa, ejeñ bilen görüş, diýdi. (Buhari, Müslim)**

Ybadathon kişi bolan Jüreýjiñ kyssasynda-da ene-ata ytagatyñ ähmiýetini görkezen ybratlar bardyr. Ol namaz kylyp durka ejesi Jüreýji çagyrdy. Ol öz ýanyndan: **“Robbim ejemmi ýa namazym?”** diýip, namazdan çykyp-çykmajagyny bilmän namazy dowam etdi. Ejesi ony ýenede çagyrdy. Ol oña jogap bermän namazy dowam etdi. Ejesi üçünji gezek çagyranda, Jüreýjiñ jogap bermänligi üçin ejesi gahary gelip oña **“Allah Jüreýje zynaçy zenanlary musallat etmezden öldürmesin”** diýip bet-doga etdi.

Bir möhlet soñra zynaçy zenanlaryñ biri, bir çopan bilen zyna edip göwreli boldy. Çopan özüniñ bilinmesinden gorkup, ol zynaçy zenana: **“Çagañ kakasy kim diýip sorasalar, ybadathon Jüreýj”** diýip aýt diýýär. Ol zenan hem ynsanlara çagañ kakasy Jüreýj diýip aýdýar. Ynsanlar muña gaharlanyp Jüreýjiñ öýüni ýykýarlar we häkim ony jeza bermek üçin meýdana getirdýär. Jüreýj ýolda gelýärkä ejesiniñ bet-dogasy ýadyna düşüp ýylgyrýar. Jeza bermek üçin meýdana getirlende bolsa, iki rekat namaz kylmak üçin möhlet soraýar. Soñra bolsa, ol çagany getirmeklerini haýyşt edip, gundagdaky çagañ gulagyna: **“Kakañ kim?”** diýip soraýar. Gundagdaky çagajyk: **“Kakam pylan çopandyr”** diýýär. (Bu çagajyk gundagdaky geplän üç çagañ biri) Ynsanlar bu waka haýran galyp tekbir we tehlil aýdyp başlaýarlar we öz ýalñyşlaryna düşünip Jüreýje: “**Ýykylan öýüñi altyndan we kümüşden gurup bereli** ” diýýärler. Ol bolsa: “**Ýok öñküsi ýaly toprakdan gurup beriñ”** diýýär. Sahyh Buharide rowaýat edilen bir hadysda, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Jüreýj barada şeýle diýýär: **“Eger Jüreýj fakyh bolsady, ejesiniñ çagyranyna jogap bermek namazy dowam etmekden has hökmandygyny bilerdi”.** Şonuñ üçin alymlar, fakyhlar: **“Eger biri nefil namaz kylyp durka ejesi ýa kakasy çagyrsa, namazdan çykyp olara jogap bermegi hökmandyr”** diýip, fetwa berdiler. Makalamyzyñ başynda-da belläp geçişimiz ýaly Allah tagala özüne ybadatdan soñra ene-ata ýagşylyk etmegi buýrandyr. Ene-ata ytagatsyzylyk etmek uly günalerdendir. Bize mälim boluşy ýaly yslamda iñ uly günä Allah tagalaga şärik (arajy) goşmakdyr. Şirkden soñra iñ uly günä ene-ata ytagatsyzlyk etmek, olary ynjytmakdyr. Nufeýl bin Harisden (radiallahu anh) şeýle rowaýat edilendir: **Resulullah (sallallahu aleýhi we sellem)** aýdýar: **“Size uly günäleriñ iñ ulusyny habar berýinmi? Sahabalar: Howwa ýa Rasulullah diýdik. Pygamberimiz aýtdy:“Allaha şärik goşmak we ene-ata ytagatsyzlyk etmek”.(Buhari, Müslim)** Bu habarlardan soñra hakyky musulmanyñ ene-atasyna ytagatsyzlyk etmegi, olara garşy gödek bolmagy we olara garşy edepsizlik etmegi pikir edilmez. Çünki ene-atany ynjytmak uly günä we hatalaryñ iñ erbedidir. Bir adam Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna gelip: **“Ýagşylyk etmeklige iñ mynasyp adam kim?”** diýip soraýar.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem):

“**Ejeñdir” diýýär.**

**Ol adam: “soñra kim?”**

**Pygamberimiz: “Ejeñdir”**

**Ol adam: “soñra kim? ”**

**Pygamberimiz: “Ejeñdir”**

**Adam: “soñra kim?”**

**Pygamberimiz: “Kakañdyr diýýär” .** (Buhari, Müslim)

Bu hadysda enä ýagşylygyñ kaka ýagşylykdan öñde gelýändigini görkezýän açyk delil bardyr. Aýatda hem ene-atañ ikisinede ýagşylygy buýrmak bilen bir hatarda, enäñ göwrelilikde çeken azabyna, muşakkatyna öwgü bardyr: **“Biz ynsana ene-atasyna ýagşylyk etmegini nesihat etdik. Enesi ony ejizlik üstüne, ejizlik bilen göwresinde göterdi”. (Lukman,14)**

Bir gezek Abdullah bin Omar (radiallahu anh) arkasynda ejesini göterip käbäni tawaf edip duran Ýemenli bir adamy görýär. Ol adam şeýle diýýärdi: **“Men ejemiñ buýruguny ýerine getirip duran düýesi ýalydyryn. Men ejemi onuñ meni götermesinden köp göterdim”** diýýär we **“Eý Abdullah men bu amaly etmek bilen ejemiñ hakyny**

**ödedigim bolarmy?"** diýip, Abdullah bin Omardan soraýar. Abdullah bin Omar: "**Ýok seniñ ejeñe eden bu hyzmatyñ, ejeñ çeken ýekeje kynçylygynyñam ýerini dolup bilmez"** diýýär. (Buhari) Hakykatdanam biz näçe ýagşylyk etsegem enäñ bizi dünýä indirip ulalatmak üçin çeken zähmediniñ öwezini hiç hem dolup bilmeris. Ene-ata dünýäden ötenden soñra, olara garşy etmeli wezipämiz bar. Olara bagyşlanma dilemeli, Allah tagaladan olar üçin doga-dileg edip durmaly, olaryñ dost-ýarlary, garyndaşlary bilen gatnaşyk saklap olara sylag-hormat etmeli we ene-atañ öwüt-wesýetlerini ýerine getirmeli. Bir adam Pygamberimiziñ (sallahu aleýhi we sellem) ýanyna gelip: "**Ýa Resulullah enem-atam ölenden soñra, olara edip biljek ýagşylygym barmy?"** diýip, soranda. Pygamberimiz: **"Howwa, ene-atañ üçin (Allahdan) doga-dileg etmek, olar üçin bagyşlanma dilemek, ölenlerinden soñra wesýetlerini ýerine getirmek, garyndaşlary bilen gatnaşyp durmak we ene-atañ dostlaryna sylag-hormat etmek"** diýýär.**(Ebu Daud, Ibn Mäje, Ibn Hibban).**

Allah tagaladan bizi ene-atamyzyñ gadyryny bilýän we olary razy edýän kişilerden etmegini we bizede wepaly boljak musulman perzentleri nesip etmegini dileýäris, Ämin.